# Ezizowyň güýzleri

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ezizowyň güýzleri EZIZOWYŇ GÜÝZLERI




Penjirämde güýz,
Ýene geldi güýzi Gurbannazaryň.
Seret, munda heniz dowamat-dowam,
Zybanymdan joşup çykyp kelam söz
Menem sary güýzüň waspyn ýazaryn.
Ýeke men däl,
kän şahyra ylham ol,
Meger, sary güýzüň hikmeti kändir.
Gursaklarda şygyrlarňyz güýzler deý
Kämillige nusga bolup bekändir.

Halypam,her güýzde gaýtalap şygryň,
Bu goja zeminiň paýlaşýan derdin.
Käte ýaprak bolup tänsem şahadan,
Käte durna bolup göçüp giderdim.

Penjirämde güýz,
Synlaýan,
sowulýar ýaprak ýagmyry,

Ýazýaryn gursakdan inen sözleri…
«Ölüm-ömür aralygyn ölçerip»
Dowam edýär Ezizowyň güýzleri.

Annabeg AÝMAKOWA,
Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby. Goşgular